***Parahatçylyk — umumadamzadyň ýaşaýyş şerti. Parahatçylyk diňe bir asuda ýaşaýyş däldir. Ol jemgyýetiň ösüşi, döredijiligi, medeniýetiň gülläp ösmegi üçin zerurlykdyr. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly meşhur goşgusynda: «Parahatlyk geljege iň mukaddes mirasdyr, // Ömürleriň manysy söýgi, mähir, yhlasdyr, // Adamzadyň arzuwy abatlyga telwasdyr!» diýen setirleri hem bu hakykaty aýdyň beýan edýär.***

Milli Liderimiz: «Ynamdyr dünýäň diregi!» diýýär. Ymgyr manyly bu jümle halkara jemgyýetçiliginde ynamyň uly güýçdügini görkezýär. Hakykatdan hem, ynam — ynsan kalbynyň arassalyk ýörelgesi. Parahatçylykly gatnaşyklaryň özeni hem ynamdyr. Ynam bolmasa, hiç bir gepleşik, hiç bir hyzmatdaşlyk netijeli häsiýete eýe bolup bilmez. Türkmenistan yzygiderli ýagdaýda dünýä ýurtlarydyr halkara guramalar bilen ynanyşmak ýörelgesine esaslanýan özara bähbitli gatnaşyklary ösdürýär.

Täze taryhy döwürde Gahryman Arkadagymyzyň «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly filosofiýasynyň bütin dünýäde giňden dabaralanmagy aýratyn bellärliklidir. Şunda 2025-nji ýylyň dekabrynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna, Halkara Bitaraplyk gününe hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanyp geçiriljek iri halkara forumyň ýokary ähmiýete eýe boljakdygyny ynamly aýdyp bolar. Bu forum şanly ýylymyzyň esasy wakalarynyň birine öwrülmek bilen, häzirki wagtda Türkmenistan döwletimiz bu halkara çäräni ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmäge giňden taýýarlyk görýär.

Parahatçylyk — adam kalbynyň iň arzyly islegi. Ynanyşmak bolsa şol islegiň beýik güýjüdir. Türkmenistan dünýäde şu iki gymmatlygy beýik tutup bilýän döwlet hökmünde çykyş edýär. Häzirki zaman dünýäsinde ýüzbe-ýüz bolunýan çylşyrymly halkara ýagdaýlaryň, howplaryň öňüni almakda parahatçylyk bilen ynanyşmagyň binýadynda döredilen hyzmatdaşlyk has netijeli bolýar. Parahatçylygyň beýik taglymatçysy Gahryman Arkadagymyzyň hem-de milli diplomatiýamyzy ýeňişli menzillerde öňe alyp barýan hormatly Prezidentimiziň tagallalary bolsa halkara parahatçylygy üpjün etmekde, abadan ýaşaýşy wagyz etmekde dünýä nusgalykdyr.

**Gandym WELLEKOW,**
**TMÝG-niň Lebap welaýatynyň Halaç etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň baş hünärmeni.**

Все права защищены